# Ofsaýtdan gol salmak

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ofsaýtdan gol salmak OFSAÝTDAN GOL SALMAK



Ysraýylyň mejlisi Knesset 1948-nji ýyldan bäri urşa garşy çykýan iň batly sesleriň we galmagalyň ortasynda «Ysraýylya we raýatlaryna howp salýandygyny» bahana edip, Palestina döwletiniň gurulmagyna garşy ses berdi. Gazadaky rehim-şepagatsyz urşuň bir peýdasy bar bolsa, onuňam palestin döwletiniň gurulmakdygyna ynanýanlara ysraýyl mejlisi umumy pozisiýanyň Netanýahunyň, Ýoawyň, Gwiriň, Haredimiň we beýleki fanatlaryň pozisiýasyndan tapawutly ýeriniň ýokdugyny görkezdi.
Bir döwletden ynam bilen söz açan dünýä Ysraýylyň muny öz ýerlerinden we öýünden kowýan, başgalaryň ýerine sürýän palestin halky üçin çözgüt däl-de, özüne gönükdirilen howp hökmünde görýändigini aňşyrmady. Gaza urşunyň yzyndan Palestina döwleti üçin wada beren birinji adam Jo Baýden boldy. Her garyş ýeri minalar bilen doldurylan Ýakyn Gündogar

ýekeje pursatlggam bolsa uzakdan umyt ýalkymyny gördi, Gazada berilen pidalar, ölüm we umytsyzlyk diwarynda gädik açylan ýaly bolup göründe. Emma Ysraýylyň jogaby biragyzdan berlen ses boldy: Dokuz arap deputatyna garşy 68 ýewreý deputatynyň garşylykaýyn sesi.

Ysraýyl bu ädimi we ara salnan wagt bilen Tel-Awiwde Netanýahuwa garşy edilen çykyşlaryň, Ýakyn Gündogardaky çaknyşygyň binýadyndaky esasy pozisiýanyň bozulmagy manysyny aňlatmaýandygyny mälim etdi. Sagyň-çepiň, Haredimleriň we Sefaradlaryň bu babatdaky pozisiýasynyň ýekedigini we bileleşendigini habat berdi.

Gaýtalap aýdýaryn, bu ses berlişik Netanýahunyň Waşingtona eden resmi sapary dowam edip durka hemmelerden öň Waşingtona berilen signaldy, mesele palestinalylar bolanda bu ýerler parahatçylykdan we ýaraşykdan söz açmaga ýer ýok sebit bolup duruberýär. Ýaraşyk ilatly nokatlaryň hakydyr we ýaraşyk girewne alynanlaryň boşadylmagy üçindir. Onda oňa, mundan muňa, gandöküşlikden gandöküşlige, kemsidilmeden kemsidilmä iterilýän bir million palestinalynyň haky-da ýok, hukugy-da!..

Eýse biz nirede gezip ýörüs?

Palestin halkynyň kararlylygy we sabyr-takaty, şikaýat edip bilmeýändigi, gaýgy-hasrat we jebri-jepalara çydamlylygy bilen buýsanýarys. Çünki olaryň basyp ýatyrylan perýat-pyganlaryny diňlejek bolamzok. Ýeke bilýän zadymyz, bu sessizligiň we beýikligiň gahrymançylygyny özümize baglanyşdyrjak bolmak. Bütin dünýä Pensilwaniýadaky derňew işlerine, Baýdeniň saglygy boýunça mälim ediljek habarlara, Haredimleriň harby gullugyna üns berýän mahaly bular ýaly ädim bilen ofsaýtdan gol salmak üçin şundan gowy pursatyň geregi barmy?

Semir ATAULLAH,

Liwanly žurnalist.

Şenbe, 20.07.2024 ý. Publisistika